# Harçañlaşmany başarmaly / intermediýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Harçañlaşmany başarmaly / intermediýa

HARÇAÑLAŞMANY BAŞARMALY

– Bagyşlañ, şu ýeri kadrlar bölümimi?
– Hawa, şu ýer-ä kadrlar bölümi. Näme etsem-petsemiñ bar?!
– Işe ýerleşäýsem diýýän.
– Bilimiñ.
– Ýokary, özem gurluşyk ugrundan.
– O-ho-how. Öz-ä tüýs bize gerek adam ekeniñ.
– Menem size işgär gerekmiş diýip eşitdim.
– Bilimi nirede aldyñ?
– Merkezde. Gurluşyk institutyny gutardym.
– O-ho-how, gaty gowy!
– Özem zybrym bäşlik bilen.
– O-how-how, gaty gowy. Diýmek, sen prorab bolmakçy-da, şeýlemi?
– Hawa.
– Ýogsa-da, sen harçañlaşmany başarýañmy?
– Nämäni başarýañmy?
– Harçañlaşmany. Sesiñi gataldyp, sögmäni, gygyrmany, heñkirmäni…
– Ýok, o zatlardan-a başym çykanok. Onsoñam onuñ gurluşykça näne derkar ýeri bar?!
– Baý-ba-ow, diplomdan öñürti şo zatlar gerek bize. Adamlañ üstüne gygyrmany başarmasañ, nädip işlejek gurluşykda.
– Olar ýaly zady bize öwretmediler-ä, institutda.
– Wah, içimi ýakmasana. Institutda öwredilýän zat barmy?! Ýalan sözlemäni, ogurlyk etmäni näme, instututda öwredýärlermi?
– Be, onda men näme etsemkäm?!

– Sen git-de, harçañlaşmany bir öwren, galan zatlary bu ýerde özümiz öwrederis. Düşnüklimi?
– (Gygyryp) Düşnüksiz. Siz baryp ýatan býurokrat…
– Be, gygyryşman-a derrew öwrenjek ekeniñiz. Hany, getir dokumentleriñi.

Täçmämmet JÜRDEKOW.

Satiriki hekaýalar